# Gysga goşgular

Category: Goşgular,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 21 января, 2025
Gysga goşgular GYSGA GOŞGULAR

■ Şygyrlar, rubagylar, setirler, bölekler

Bu aman başym ne derdi-belaga sataşdy,
Göwräm elendi, içim-de doly ataşdy,
Ýandy jigerim, ýürek gowruldy, çat açdy,
Yşkyñ odun görüp, ýanmadyk odum tutaşdy.

Yşkyñ bagyn görüp, bakja-bagymdan el üzdüm,
Yşkyñ balyn görüp, bal-nabadymdan el üzdüm,
Yşkyñ şadyn görüp, dünýäñ şadyndan el üzdüm,
Yşkyñ odun görüp, yşkyñ odundan el üzdüm.

* * *

Ýagşy sözüñ höziri ~ ýaz gününiñ ertiri,
Ýaman sözüñ täsiri ~ gijä öwrer gündizi.

* * *

Eger-de otursañ körzehin bile,
Giñ jaýyñ deñ bolar kapas-hin bile.
Gylçyk sözler gaýar, taýar, çapyşar,
Ýüregiñe gussa bolup ýapyşar.

* * *

Gulagma bir habar eşdildi daşdan,
Soñam ýitip gitdi ýuwaş-ýuwaşdan.
Owal mugt berleni añyma alman,
Indem gözleýärin ýelden-ýagyşdan.

* * *

Goýnuñda miweleriñ ~

ömrüme azykmydyr?!
Ýetip bilmän nijeler
boýnun burup emener.
Lebapmydyr lebleriñ ~
bir bally arykmydyr?!
Ne ondan ganyp bolar,
ne şiresi kemeler.

* * *

Şemal tigirledi, boldy waññyrdy ~
Kümüş diýlip ýörleni köne taññyrdy…
…Aslyn gizläp ýören ýalançy zaññar,
Ahyr bir gün syryn açdy, aññyrdy.

* * *

Dünýäni öwrenip başlasa «A»-dan,
Köñlüne rahatlyk getirer adam,
«A»-dygyny bilip durka «B» diýse,
Görüñ, beýle kişi niçiksi azan!

* * *

Kim öz gadyryny bilmese eger,
Özgäniñ gaşynda başyny eger.

Kim öz doganyby kemsider, ezer,
Özgäñ dogmasynyñ yzynda gezer.

* * *

Ýa bir ýol ýitiren, ýa-da bir gende,
Bolmasañ, sözüme gulak sal onda:
Sen nireden gözläp ýörsüñ aklyñy?
Köküñ nirde bolsa, başyñam şonda.

* * *

Eger göwni ýetse, saña erenler,

Gollaryn göterip pata bererler.
«Dilegiñ näme?» diýp soralsa birden,
Diýgin: «Allam, kanagat ber, kerem ber!»

* * *

Ynsanda iki göz bolsa-da, heý-de,
Biri ýigrenermi, birisi söýse!
Emma bir agyzdan çykýan sözleriñ
Kyrk dürli öwsenin bilýärmiñ, eýse?!

* * *

Şänigiñ gymmaty gabykda bolmaz,
Ýöne hakykatdan dänip-de bolmaz:
Mañyz diýýändirler gabyksyz bolsa,
Gabygy bolmasa şänik-de bolmaz.

* * *

Durmuşy keç bilmek dertdir, azardyr,
Dar ýürekde jan guşy bikarardyr.
Oba sygar kanagatly kişiler,
Namardyñ gözüne dünýä-de dardyr.

* * *

«Kör» diýip kemsitme, seret köñlüne,
Köñli kör bolmasa,
Gözlüden beter ~
Porsy çybyk berseñ almaz eline,
Bägül berseñ welin ýapyşar ýatar.

* * *

Ýene aýtsam, gör-bak, ne many saçar:
Peltek uzyn nutuk sözläp sakynsa,
Ker çeşmeleñ sazy hakda söz açar,
Kör bolsa owadan gyzlar hakynda.

* * *

Hak kyldy dünýäni giñ, kişi dar edebilmez,
Hak eçilen rehmetine kişi zar edebilmez.

Hak eziz eden kişini kişi har edebilmez,
Hakyñ islän bir işine kişi kär edebilmez.

* * *

Ýürek ömrüm boýy kapas içinde,
Şo ýerde sagdyn ol, şo ýerde rahat.
Emma teni dar kapasa salsalar,
Onuñ rahatlygy ýiter şo sagat.

* * *

Şugla bolmadyk ýerde gözler gamaşa bilmez,
Joşgun bolmadyk ýerde suwlar gaýnaşa bilmez.
Şatlyk bolmadyk ýerde oýnaşa bilmez köñül,
Gül açylmadyk ýerde bilbil saýraşa bilmez.

* * *

Beslenip zer lybas, dona kişiler,
Bolup bilmez tämiz, dana kişiler.
Dury akyl bilen, halal iş bilen,
Goşulýandyr herne, sana kişiler.

* * *

Oña zehin berlipdir,
Hem bir ýaramaz ýürek.
Şu ikiñ ortasynda,
Janserek ol, janserek.
Eger birin tutmazlyk
Bolýan bolsa biderek,
Ýa-ha hapa ýüregi,
Zehiniñi aparar,
Ýa-da tämiz zehini,

Ýüregin ýarsa gerek.

* * *

Köpüne az diýseñ, azyna-da köp,
Duçar borsuñ ömrüñ ýowuz keselne:
Dünýäni dolduran doldurmaz gözüñ,
Eliñe sygan zat sygmaz etegñe.

* * *

Ýollary çaman garradar, ~
Pälleri ýaman garradar.
Döwek garradar bedewi,
Akyly ýalan garradar.

* * *

Harsydünýä arz edenmiş Hudaýa:
«Käbir üýtgeşmeler gerek bu taýa.
Onuñ iýjek çöreginem maña ber, ~
Ýaşap ýörmek nämä gerek gedaýa!»

* * *

Güller içre bir gül täsindi juda,
Maña şol üýtgeşik gül gerek bolup,
Golaýyna bardym. Muña sered-ä:
Birden uçdy gitdi kebelek bolup.

Senem has üýtgeşik gyzlar içinde,
Ýandym, elewredim ot-elek bolup.
Ýöne golaýyña baryp bilemok,
Uçarsyñ diýip gorkýan kebelek bolup.

* * *

Bir mätäç zat diýip elin serendir,
Jomart kişi, sag bol, köñlüñ keremdir.
Ýöne «men berdim» diýp, çolama dile,

Saña-da, oña-da Alla berendir.

* * *

Gül ömrüñ baglydyr nur-imanyña,
Men bir söz aýdaýyn onuñ şanyna:
Ýele baglasañ-da, nesibeli zat
Aýlanyp-dolanyp geler ýanyña.

* * *

Oýnar, bir utular, bir-de utulmaz,
Gaçar, bir tutulmaz, bir-de tutulmaz.
Her bela-beterden gutular adam,
Öz pälinden gutulmaz.

* * *

Bu şeýledir ähli ýerde, her çakda,
Özüñem bilýänsiñ, elbet, bu hakda.
Pak şänikde mañyz bolmaýşy ýaly,
Däne gylçykda däl, akyl ~ akmakda.

* * *

Her bir söz sena däl, doga-alkyş däl,
Her bir ýagan bereket däl, ýagyş däl.
Müñ jibrinse bilbil bolmaz serçeden,
Arpagan arpa däl, ýarganat guş däl.

* * *

Bir kişi beripdir akmaga akyl,
Akmak bolsa diýen: «Bilgin sen çakyñ.
Öz ýükûñi meñ boýnuma atmaga
Barmydyr hakyñ?».

* * *

Berlen dür-göwheri yzyna taşlap,
Ýüz put nadanlygy egnine goşlap,

Öz ýanyndan hoş bolupdyr ötüki,
Şeýdibem ýeňläpdir akmagyň ýüki.

* * *

Eger many tapmadyňmy,
sen dür tapan guwwas dälsiň,
El uzadyp, ýetmediňmi,
sen ol diýip telwas dälsiň.
Ýa ol seniň taparyňdan,
has düýpde, has çuň ýerdedir.
Ýa-da seniň ýeteriňden,
has belentde, ýokardadyr.

Akmyrat HOJANYÝAZ.

#edebiyatwesungat_2005 Goşgular